# Ýewgeniý Ýewtuşenkonyň durmuş ýörelgeleri

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Ýewgeniý Ýewtuşenkonyň durmuş ýörelgeleri ÝEWGENIÝ ÝEWTUŞENKONYŇ DURMUŞ ÝÖRELGELERI




***Şahyr 2017-nji ýylyň 1-nji aprelinde 84 ýaşynda aradan çykdy. Talsa, Oklahoma***
Goşgy okaýşymy diňlemän meniň bilen gürleşmek – bu nähili futbol oýnaýandygyny görmän Arşawin bilen gürleşen ýalydyr.

Urşy ýadyňa salýan sport görnüşlerini halamaýaryn. Çaga döwrümde adamlary nähili zalymlyk bilen ýençýändiklerini köp görüpdim.

Futboluň hem edil poeziýaňky ýaly, ozal öz ýüzi bardy: aýdaly, leningrad futboly moskwa futboluna asla meňzemeýärdi. Indi bolsa ukrainanyň «Şahtýor»-y bilen nemesleriň «Werder»-i oýnanda kimiň kim bilen oýnaýandygyna düşünip bolanok. Sebäbi hemme gollary braziliýalylar geçirýär.

Milletçileri hiç haçanam halamaýardym.

Durşuna materiallaşmak şu günki günde futbolda-da bar. Gynansagam, bizde futbol biznese öwrüldi, özi-de ýaramaz biznese öwrüldi. Ine, meselem, Pele, ol futbol üçin oýnaýan futbolçydy. Ýogsa şu günki futbolçylary maýyl edýän mümkinçilikler şonda-da bolupdy.

Biziň Boris Arkadýew diýen tälimçimiz bardy – bu adam futboldaky pasternak. Ol öz toparyny üýtgeşik terbiýeleýärdi: gowy ýazyjylar bilen duşuşyklary guraýardy, kitap okamaga mejbur edýärdi. Bu gün weli, meniň pikirimçe, futbolçylaryň arasynda kitapsöýüjileri tapyp bolanok.

Poeziýa mätäçligiň bardygyna men ynanýaryn. Meniň iň gowy görýänim – «Santýagodaky kepderi» (Ýewtuşenkonyň Çilä bolan saparyndan soň 1978-nji ýylda ýazan poemasy). Ol müňe golaý adamy öz janyna kast etmekden halas edipdir – bu san diňe maňa gelen hatlardan çen tutup bilýänlerim.

Ýigriminji asyr entek dolulygyna hiç bir romanda jemlenmedi. Hawa, bu jesetden doly wagtyň özi durşy bilen pajyga. Hernäme bolsa-da ýazyjy üçin uly ammardyr.

Meniň neslimiň bagty çüwdi. Biz okyjylary döretdik, öz garaşmaklary hem ynamy bilen bizi döreden okyjylary döretdik. Sowet Soýuzynyň ägirt uly alymlary – Landau, Kapissa, Saharow dagy poeziýa agşamlaryna gelerdiler. Hatda iň kyn döwürlerde-de, bize çykyş etmäge rugsat berilmeýän wagtlaram töwekgellik edip, ylmy-barlag institutlary biziň üçin gapylaryny giňden açypdylar. Wysosskiniň weli ýekeje-de afişasy bolmandy.

Käte has wajyp zatlar hakda nätanyşlar bilen, soň hiç wagt görmejek adamlaryň bilen gürleşeniň gowy.

Bilýäňizmi näme, Sent-Ekzýuperiniň «Sitadel» eserini iň beýik kitaplaryň biri hasaplaýan adamlar juda köp. Maňa bu eseri açan adam Omskdan bir inžener. Men Ekzýuperini okamagy gowy görýärdim, ýöne bu eser üç tomlugyň ahyrynda eken. Menem ony

ýüzleý okap geçipdirin. Ol inžener ol eseri gaýtadan okamagyny haýyş etdi. Ol şeýle diýdi: «Ýewgeniý Sanyç, ýöne ony adaty kitap ýaly okamaň. Azajykdan okaň: açyň, göz gezdirip goýuň – edil uniwersamdaky ýaly».

Ironiýa – ajaýyp galkan ýa-da paýhas ýaragy, emma ol gödek sarkazma öwrülende öz janyna kast edýär.

Global maýylganlyk howpy bar wagtynda men başga howpy görýärin – adam gatnaşyklarynyň global sowuklaşmagyny.

Meniň ömrümdäki iň ajaýyp wakalaryň biri – bu 1955-nji ýylda bolan SSSR-Germaniýa futbol oýny boldy. Şonda nemesler uruşdan soň ilkinji gezek gelipdiler, Staliniň ölmüne barabar waka bolupdy. Aýlygançdy: gimnastýorkalarda ordenler lowurdap durdy, aýaksyzlar agaç platformalardan gezip ýördi. Göýä nemesleri duran ýerinde, ynha-ynha parçalaýjak ýalydylar. Emma hemme zat başgaça boldy.

Häzirki ýazyjylaryň arasynda, Maýakowskiniň aýdyşy ýaly, görmegeý, ýigrimi iki ýaşlylary göresim gelýär.

Men soňky beýik rus ýazyjysynyň kimdigini aýdyp biljek däl, emma poeziýa babatda welin… Woznesenskiý häzir juda näsag, ýöne onda on bäş-ýigrimi sany genial goşgular bar. Poeziýada şu-da ýeterlik.

*Çeşmesi: https://br.com.tm/sections/5/415. 26.10.2022ý.* Sözler